Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:

— TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYGY TÜRKMEN HALKYNYŇ HASYL BOLAN KÖŇÜL ARZUWYDYR, GALKYNAN YKBALYDYR.

XXI ASYR — TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY!

BALKAN

ESASLANDYRYJYSY — BALKAN WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI

DÜNÝÄDE BMG TARAPYNDAN YKRAR EDILEN ILKINJI BITARAP DÖWLET — BU BIZIŇ ATA WATANYMYZ — EZIZ TÜRKMENISTANDYR!

№105 (99665) * 2021-nji ýylyň 2-nji sentýabry, penşenbe.

SANLY ULGAM ARKALY IŞ MASLAHATY

30-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň obasenagat toplumyna gözegçilik edýän orunbasarynyň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi.

Maslahatda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamalaryny amala aşyrmak bilen bagly wezipeler, 2021-2022-nji okuw ýylyna hem-de ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň şanly senesi mynasybetli geçiriljek dabaralara taýýarlyk görmek, möwsümleýin oba hojalyk işlerini guramaçylykly geçirmek boýunça görülýän toplumlaýyn çäreler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Iş maslahatynda welaýatlaryň häkimleri hasabat berdiler. Balkan welaýatynyň häkimi T.Atahallyýew sebitde alnyp barylýan işler, hususan-da, welaýatyň ähli bilim edaralarynda täze okuw ýylyna hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly baýramy mynasybetli geçiriljek dabaralara görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Häkim 1-nji sentýabrda 1-nji synpyň okuwçylaryna Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan dünýä ölçeglerine kybap gelýän kompýuterleriň gowşuryljakdygyny habar berdi.

Şeýle hem möwsümleýin oba hojalyk işlerine — bugdaý ekişine taýýarlyk görlüşi, şol sanda geljek ýylyň hasylynyň düýbüni tutmak üçin niýetlenen ýerlerde sürüm we tekizlemek işleriniň depgini barada hasabat berildi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ýaş türkmenistanlylaryň oňat terbiýe we döwrebap bilim almagy üçin ähli şertleriň döredilýändigini belledi. Milli Liderimiz täze okuw ýylyna guramaçylykly başlamagyň hem-de Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli geçiriljek çäreleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmegiň möhümdigini aýdyp, häkime degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz ekiş möwsüminiň degişli derejede guralmagyny talap edip, häkime geçiriljek işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça birnäçe görkezmeleri berdi. Hususan-da, güýzlük bugdaý ekişi üçin niýetlenen ýerleriň taýýarlygyny üpjün etmek, olarda agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, sürüm geçirmek we tagt hem-de ýuwuş suwuny tutmak möhümdir.

Şeýle hem gallaçy kärendeçileri ýokary hilli tohumlar bilen üpjün etmek, oba hojalyk tehnikalaryny ekiş möwsümine doly taýýarlamak barada tabşyryk berildi.

Mundan başga-da, döwlet Baştutanymyz baýramçylyklara hem-de ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşyndaky şanly wakalara taýýarlygyň ýokary derejesini üpjün etmek barada häkime birnäçe görkezmeleri berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow iş maslahatynyň barşynda guramaçylyk meselelerine hem seretdi hem-de degişli resminamalara gol çekdi.

Döwlet Baştutanymyz resminamalary sanly ulgam arkaly Balkan welaýatynyň häkimine iberip, bu babatda degişli tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary E.Orazgeldiýew gözegçilik edýän oba hojalyk pudagynda işleriň ýagdaýy, obasenagat toplumynyň önümçiligini artdyrmaga hem-de daýhanlaryň öndürijilikli zähmet çekmegi üçin amatly şertleri döretmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmak ugrunda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli işler barada hasabat berdi.

Häzir tutuş ýurdumyz boýunça güýzlük bugdaý ekişine we pagta ýygymyna agrotehnikanyň kadalaryna laýyklykda, guramaçylykly taýýarlyk görülýär. Zerur bolan ähli tehnikalar möwsüme doly taýýar edilip, daýhanlar ýokary hilli tohumlar, dökünler, suw bilen öz wagtynda üpjün edilýär.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk işlerini degişli derejede guramak, agrotehnikanyň kadalaryny berjaý etmek, pagta ýygymy möwsümini hem-de bugdaý ekişini zerur tehniki serişdeler bilen doly üpjün etmek bilen bagly meseleleri hemişe üns merkezinde saklamak barada wise-premýere birnäçe tabşyryklary berdi.

Döwlet Baştutanymyz 3-nji sentýabrda badalga beriljek güýzlük bugdaý ekişi barada durup geçmek bilen, geljekki hasylyň ykbalynyň möwsümiň guramaçylykly geçirilmegine, tohumlaryň ýerli toprak-howa şertlerine laýyk saýlanyp alynmagyna baglydygyny aýtdy.

Ýetip gelýän möwsümlerde ulanyljak tehnikalaryň ýagdaýyna, tohumlaryň hiline, beýleki serişdeleriň taýýarlygyna, harman-hanalaryň bökdençsiz işlemegine aýratyn üns berilmelidir.

Milli Liderimiz «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen ýylda öňde jogapkärli wezipeleriň durýandygyny aýdyp, wise-premýeriň ünsüni Bitarap Watanymyzyň ýyl ýazgysyndaky şöhratly senä — mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyna çekdi. Şanly senelere zähmet sowgatlary bilen barmak halkymyzyň asylly däbidir. Şu maksat bilen, edermen pagtaçylarymyz şu günler tutanýerli zähmet çekýärler. Şoňa görä-de, gowaça ideg etmek hem-de bereketli hasyl almak möhüm talap bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, güýzlük ýeralmanyň hem-de beýleki ekinleriň bol hasylyny almak üçin olara ideg etmek işleriniň hilini we depginlerini ýokarlandyrmak gerek. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Daşoguz we Lebap welaýatlarynyň şaly ekilen meýdanlarynda hem-de Balkan we Mary welaýatlarynyň gant şugundyry ekilen ýerlerinde agrotehniki çäreleri öz wagtynda geçirmek bilen bagly işleri berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Milli Liderimiz iş maslahatyny jemlemek bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» önümçilik ugurlary boýunça kesgitlenen wezipeleri doly berjaý etmegiň möhümdigini belledi hem-de bu babatda wise-premýere we häkimlere degişli tabşyryklary berdi.

«Balkan».

GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MEKDEP OKUWÇYLARYNA, TALYP ÝAŞLARYNA, MUGALLYMLARYNA WE BILIM IŞGÄRLERINE

Hormatly mugallymlar we bilim işgärleri!
Mähriban talyplar, eziz okuwçylar!

Sizi Garaşsyz Watanymyzda giňden bellenilýän, Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de 2021-2022-nji täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn. Egsilmez ylham-joşgun paýlaýan bu baýramçylygyň geljegimiz bolan mekdep okuwçylarynda we talyp ýaşlarda, asylly käri mynasyp dowam edýän mugallymlarda, bilim işgärlerinde eziz Watanymyza bolan buýsanjy has-da artdyrjakdygyna berk ynanýaryn.

Bilim almak, hünär öwrenmek türkmen halkynyň müňýyllyklaryň dowamynda berk eýerip gelen durmuş kadasydyr. Sebäbi ylym-bilim bagtyýarlygyň hem-de rowaçlygyň gözbaşydyr. Şoňa görä-de, biz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bilimiň we ylmyň jemgyýetimiziň döredijilik güýjüniň binýady hökmünde yzygiderli kämilleşdirilmegine aýratyn ähmiýet beryäris. Ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryna, täze tehnologiýalara, öňdebaryjy bilimlere we innowasiýalara daýanyp, Garaşsyz Watanymyzy okgunly ösdürýäris. «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasatymyzdan ugur alyp, eziz Diýarymyzyň şäherdir obalarynda häzirki zaman kompýuterleri, okuw-tehniki enjamlary, interaktiw-multimediýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen çagalar baglaryny, orta mekdepleri gurýarys.

Milli bilim ulgamyny dünýä ülňülerine laýyklykda yzygiderli kämilleşdirmek, bilim edaralarynyň maddy-enjamlaýyn we hukuk binýadyny yzygiderli berkitmek, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, häzirki zamanyň ösen tehnologiýalaryna erk edýän watansöýüji, zähmetsöýer ýaşlary kemala getirmek babatda möhüm işleri amala aşyrýarys. Asylly däbimize eýerip, «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk toýunyň öň ýanynda güneşli Diýarymyzyň obadyr şäherlerinde bilimler baýramçylygyna gabatlap, täze orta mekdepleri dabaraly açýarys, joşgunly aýdym-sazly çäreleri geçirýäris. Bilimler dünýäsine ilkinji gadam basýan mekdep okuwçylaryna sowgat hökmünde «Bilimli» atly kompýuterleri gowşurýarys. Mugallymlaryň, bilim işgärleriniň we ähli halkymyzyň kalbyny şatlyk-joşguna besleýän bu dabaralar eziz Watanymyzyň bagtyýarlyk mekanydygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Taryhyň bütin dowamynda parahatçylygy we ynsanperwerligi ündäp, ylym-bilime, pähim-paýhasa belent sarpa goýup gelýän halkymyzyň bagtyýar nesilleri hökmünde eziz Watanymyza, ajaýyp durmuşymyza guwanmak, beýik geljegimiz üçin tutanýerlilik bilen okamak, öwrenmek, döretmek, gurmak, il içinde abraý-mertebä, sylag-hormata mynasyp bolmak ýaş nesilleriň belent borjudyr. Merdana ýaşlarymyz täze okuw ýylynda hem döwlet we halkara derejeli bäsleşiklerde guwandyryjy netijeleri gazanyp, ata Watanymyzyň şan-şöhratyny ýene-de belende götermelidir.

Hormatly mugallymlar, bilim işgärleri!

Bilim — täzeleniş we öňegidişlikdir. Şoňa görä-de, giň gerimli özgertmeleriň ýoly bilen täze belentliklere barýan ýurdumyzda bilim ulgamynda amala aşyrýan özgertmelerimizi has-da çaltlandyrýarys. Şu ýyl «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşini kabul edip, milli bilim ulgamynyň işini düzgünleşdirýän kadalaryň gerimini giňeltdik, şeýle hem bilim işini dolandyrmagyň täze guramaçylyk esaslaryny kesgitledik.

Ylmyň we tehnologiýalaryň häzirki ösýän döwründe sagdyn, ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, zähmetsöýer, watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň belent kadalaryna ygrarly nesli terbiýelemek mugallymlaryň we bilim işgärleriniň esasy wezipesi bolup durýar. Şoňa görä-de, täze okuw ýylynda hem on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini, şeýle hem tebigy we takyk ylmy ugurly dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýalarynda we giň gerimli özgertmelerimiziň esasynda kesgitlenen wezipelere laýyklykda, siz bilim bermegiň ähli derejelerine ylmyň soňky gazananlaryny, okatmagyň innowasion usullaryny, öňdebaryjy dünýä tejribesini giňden ornaşdyrmalysyňyz. Döwrebap okuw kitaplaryny hem-de okuw-usuly gollanmalary taýýarlap, bilimiň mazmunyny has-da baýlaşdyrmalysyňyz.

Men asylly käriň eýeleri bolan mugallymlarymyzyň Watan, maşgala, agzybirlik we jebislik, zähmetsöýerlik, arassa ahlak mukaddesligi hakyndaky taglymatlarymyzy rowaçlandyrmak bilen, bu wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirjekdiklerine, ykdysadyýetimiziň dürli pudaklary üçin ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda netijeli işleri alyp barjakdyklaryna berk ynanýaryn.

Hormatly mugallymlar we bilim işgärleri!
Mähriban talyplar, eziz okuwçylar!

Sizi bereketli güýz paslynyň ilkinji gününde belent maksatlara ruhlandyryp, uly arzuw-umytlar bilen garşy alynýan Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de 2021-2022-nji täze okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn.

Size berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, eziz Watanymyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan asylly işleriňizde hem-de okuwlaryňyzda uly üstünlikleri arzuw edýärin.

Türkmenistanyň Prezidenti
Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.

BAÝRAMÇYLYK ÇÄRELERINIŇ ÝOKARY GURAMAÇYLYK DEREJESI ÜPJÜN EDILMELIDIR

31-nji awgustda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Gurbanguly Berdimuhamedow goranmak ministri B.Gündogdyýew bilen iş maslahatyny geçirdi. Onuň barşynda ýurdumyzyň harby düzümleriniň öňünde duryan möhüm wezipeler hem-de Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygy mynasybetli harby ýörişi guramaçylykly geçirmek bilen baglanyşykly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Goranmak ministri B.Gündogdyýew ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde işleriň ýagdaýy hem-de ýurdumyzyň goranyş ukybynyň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna, harby gullukçylaryň gullugy we amatly ýaşaýşy üçin zerur şertleriň döredilmegine gönükdirilen harby özgertmeler barada hasabat berdi. Şeýle hem ministr Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygynyň 30 ýyllyk baýramyna görülýän taýýarlyk işleri barada giňişleýin hasabat berdi. Hormatly Prezidentimiziň garamagyna şanly sene mynasybetli geçirilýän dabaraly harby ýörişiň meýilnamasy hödürlenildi.

Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Gurbanguly Berdimuhamedow harby ulgamda amala aşyrylýan özgertmeleriň möhüm ugurlarynyň harby düzümleriň işini kämilleşdirmekden ybaratdygyny belledi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň öňünde duryan ilkinji nobatdaky wezipelere laýyklykda, Milli goşunymyzyň kuwwatynyň hem-de goranyş ukybynyň pugtalandyrylmagyna, goşunyň ähli kysymlarynyň şahsy düzüminiň söweşjeň we hünär taýýarlygynyň ýokarlandyrylmagyna, gulluk düzgün-tertibiniň berjaý edilmegine gönükdirilen çäreler yzygiderli geçirilmelidir diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Döwlet Baştutanymyz dabaraly harby ýörişi geçirmegiň hödürlenen meýilnamasyny makullap, ondan gelip çykýan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek babatda anyk tabşyryklary berdi.

«Balkan».

RESMI HABARLAR

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen, Berdimämmet Rejepmämmedowiç Annamämmedow Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etrabynyň häkimi we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny dolandyrmak baradaky baş müdirligiň başlygy wezipelerinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen, Döwlet Rozymyradowiç Jumaýew Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etrabynyň häkimi we «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny dolandyrmak baradaky baş müdirligiň başlygy wezipelerine bellenilip, ol Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň häkiminiň orunbasary wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Permany bilen, podpolkownik Röwşen Amanmämmedowiç Aýazowa, podpolkownik Didar Mälikberdiýewiç Ataýewe, podpolkownik Şawkatjan Ýakubowiç Atakulyýewe, podpolkownik Saparmyrat Annamyradowiç Tüýliýewe polkownik harby ady dakyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Hajygeldi Baýramdurdyýewiç Orjykow Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etrabynyň häkiminiň orunbasary wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen, Gurbanmyrat Arazgulyýewiç Nyýazow Türkmenbaşy şäheriniň Awaza etrabynyň häkiminiň orunbasary wezipesine bellenilip, ol Etrek etrabynyň häkiminiň orunbasary wezipesinden boşadyldy.

* * *

Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalarynyň döşe dakylýan nyşanyny gowşurmagyň we ony dakynmagyň tertibini hukuk taýdan düzgünleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy Gurbanguly Berdimuhamedow Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, degişli nyşanyň Düzgünnamasy, ýazgysy we nusgasy tassyklandy.

* * *

Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Karary bilen, Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Babarap obasynda gurlan orta mekdebe Annak Sähetmyradowyň ady dakyldy we ol «Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Annak Sähetmyradow adyndaky ýöriteleşdirilen 42-nji orta mekdebi» diýlip atlandyryldy.

(TDH-niň habarlary esasynda taýýarlanyldy).

«Garaşsyzlyk — halkymyzyň bagt daňynyň atany, Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly bäsleşige

Bagtyýar ilim

Oguz han atamyň parasatynda,
Nesliniň geljegi — ak ýoly beýan.
Öçmejek yz goýan taryh gatynda,
Pähimi, paýhasy äleme aýan.

Agzybirlik — halkyň sarsmaz sütüni,
Parahatlyk, dost-doganlyk — ýörelge.
Görogly segredip boz Gyratyny,
Mertlikde jahana boldy görelde.

Magtymguly — seždegähi türkmeniň,
Halkyna arzuwlap berkarar ýurdy.
Şygyr bilen ýaýyp Zemine şanyn,
Türkmeniň başyny göge ýetirdi.

Hakyň Arşdan nazar salan milleti,
Nesipli gün wysalyna gowuşdy.
Pederleriň arzuw bagy gülledi,
Eziz ülkäm — Bitarap hem Garaşsyz.

Tugum, Tugram, Döwlet senam — buýsanjym,
Asmanym arassa, ilim bagtyýar.
Eýesi özümiz baýlygyň-genjiň,
Halkym hözirini görüp ýaşaýar.

Arkadagym alyp barýar ak ýoldan,
Kuwwatly Watanyň ümzügi öňe.

Ösüş-özgerişler bedew badynda,
Wasp edýäris şygry salyp uz heňe.

Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Bu gün köňlüm Jeýhun kibi joşgunda,
Bagt nurun saçýar köňül köşgünde,
Dillerim saýraýar Diýar yşkynda,
Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Türkmen Tugun öpüp, başyn egendir,
Toýuňa gelenler dostdur, dogandyr,
Bu gün alnymyzdan ak Gün dogandyr,
Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Ýerne salar, haklar Watan duzuny,
Ar-namysa deňär gelin-gyzyny,
Yzyna gaýtarmaz beren sözüni,
Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Arkadagy ýurduna baş saýlady,
Bu ülkäni jennet mekan eýledi,
Eziz halkym baky bagty boýlady,
Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Arkadag geljegi öňden görendir,
Berkarar döwleti berkden gurandyr,
Bagtyýarlyk döwrün peşgeş berendir,
Garaşsyzlyk toýuň gutlaýan, Watan!

Gylyçmämmet SAPARGYLYJOW,
Balkanabat şäheri.

Watanym

Toý donuny geýen Watan — başymyň göwher täji,
Waspyň edip, ýaňlanyp dur şirin aýdymym, sazym.
Ak mermerden binalaryň — göwünleriň guwanjy,
Öçmejek ojagymsyň, sowulmaz bahar-ýazym.

Keremli daglaryň bardyr, bir-birinden beýikdir,
Ýaýlalarňa bakan çagym göwün guşum galkynýar.
Seň goýnuňda önüp-ösüp, ýaşamaklyk bagtdyr,
Jana deňän Watanym bar — baýlygym bar, mülküm bar.

Her bir gysym topragyňda rysgal-bereket bardyr,
Başym egip, tagzym edip, hyzmatyňda duraryn.
Geçmişim sen, şu günüm sen hem şöhratly geljegim,
Gerek bolsa, seniň üçin şirin janym bererin.

Aşgabat

Aziýaň merjeni gözel Aşgabat,
Mermer binalaryň ýalkymyn saçýar.
Dillerde aýdym hem gazal Aşgabat,
Bu gün giň äleme gujagyn açýar.

Aşyklaň şäheri, juwan paýtagtym,
Nurly keşbiň — bagt hakda erteki.
Dünýäde belentdir adyň-abraýyň,
Sen — älemiň asudalyk merkezi.

Garaşsyzlyk bilen galkynan şäher,
Binalaryň — gözelligiň nusgasy.
Ös sen, gözelleş sen, eziz paýtagtym,
Seniň waspyň — bagtyýarlyk kyssasy.

Bagtyýarlygyň şäheri Aşgabat,
Arkadagym bilen beýgelip barýaň.
Seniň gül jemalyň waspyn ýaýmaga,
Men ýene-de saňa seýrana barýan.

Garşy al sen açyk göwün myhmanyň,
Goýnuňda mydama toý bolup dursun!
Arkadagyň waspyn edýän aýdymlar,
Ýylyň dört paslynda ýaňlanyp dursun!

Ogulnäzik ÇOPANOWA,
Serdar şäheriniň çagalar çeperçilik mekdebiniň mugallymy.

YLYM — ÖSÜŞIŇ BINÝADY

Az wagtdan eziz Watanymyzyň Garaşsyzlygyna 30 ýyl dolýar. Bu taryh üçin onçakly uly möhlet däl. Şu gysga döwrüň içinde Garaşsyz döwletimizde asyrlara barabar ýol geçildi. Bu gün bolsa Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň at-owazasy dünýäniň çar künjüne ýaň salýar. Amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesinde günsaýyn gülläp ösýän ýurdumyz diňe ösüşlere beslenýär. Ähli ösüşler, özgerişler, öňegidişlikler bolsa ylym-bilimden gözbaş alýar.

Türkmen — ylma çäksiz sarpa goýýan halk. Bu geçen taryhy döwürlerde-de şeýle bolupdyr, häzirki Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe-de şeýledir. Muňa ata-babalarymyzyň «Ylym okan ýol tanar», «Ylym — akylyň ýarysy», «Ylym akyldan dem alar», «Ylym almak — iňňe bilen guýy gazmak», «Ylym köp, ömür az, geregiňi al — daşa ýaz», «Ylym pul bilen alynmaz», «Ylymsyz bir ýaşar, ylymly — müň», «Hünär — akar bulak, ylym — ýanar çyrag» diýen ýaly gyzyldan gymmatly jümleleri-de şaýatlyk edýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata Watanymyzda ylym täze belentliklere çykýar. Hormatly Prezidentimiz ýurt Baştutanlygyna saýlanan ilkinji gününden başlap, ylma aýratyn üns berdi. Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde geçen gysga döwrüň içinde ylymda uly öňegidişlikler, özgerişikler bolup geçdi.

Bagtyýarlyk döwrüniň okuwçysy bolmak bagtyna eýe bolan nesil entek mekdep partasynyň aňyrsyndaka ylymlar dünýäsine kemsiz aralaşyp, oňa çuňňur göz ýetirýär. Sebäbi okuwçylaryň irgözinden ylymlar dünýäsine aralaşmagyna ähli mümkinçilikler döredilip, olar ylmy taslamalaryň üstünde işlemäge höweslendirilýär. Şeýlelikde, orta mekdepleriň okuwçylary taslama bäsleşiklerine gatnaşyp, ylym älemindäki ilkinji ädimini ädýärler, talyp ýaşlarymyz bolsa ýaş alymlaryň bäsleşiklerine gatnaşmak bilen, geljekki uly ylmy işlere badalga alýarlar. Her ýylda şol bäsleşikleriň jemi jemlenip, okuwçylara we ýaş alymlara hormatly Prezidentimiziň adyndan sowgatlar gowşurylýar.

Biziň ösüp gelýän ýaş nesillerimiz sözüň doly manysynda bagtyýar çagalardyr. Bagtly çagalygyň Watany bolan ýurdumyzda röwşen geljegimiz bolan ýaş nesillere aýratyn alada, söýgi, mähir bilen garalýar. Döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallasy bilen gurlup, ulanylmaga berilýän döwrebap orta we ýokary okuw mekdepleri, çagalar baglary dünýä ülňülerine laýyk gelýän iň öňdebaryjy okuw enjamlary, multimediýa, kompýuter, interaktiw tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylandyr. Häzirki döwürde okatmagyň sanly bilim ulgamyna geçilmegi bolsa, geljegimiz bolan ýaş nesliň döwrebap bilim alyp, ylymlar dünýäsine çuň aralaşmagy üçin döredilýän amatlyklardyr.

Gülistan PORANOWA,
Serdar etrabyndaky 4-nji orta mekdebiň mugallymy.

ARKADAGLY NESILLERE AK MEKDEPLER GUJAK AÇDY

Ylymdyr bilimi ähli ösüşlerimiziň berk binýady hasaplaýan hormatly Prezidentimiziň döwletli çözgüdi esasynda bereketli tylla güýzüň ilkinji aýynyň ilkinji gününde bellenilip geçilýän Bilimler we talyp ýaşlar gününiň täsirli çäreleri welaýatymyzda hem ýokary guramaçylyga eýe boldy. Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň Balkanabat bölüminde guralan dabara ir säherden badalga alyp, oňa welaýat hem-de şäher häkimlikleriniň, jemgyýetçilik guramalarynyň, ýaşuly nesliň wekilleri, bagtyýar talyplar, bilim işgärleri gatnaşdylar. Baýramçylyk dabarasynda hormatly Prezidentimiziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň mekdep okuwçylaryna, talyp ýaşlaryna, mugallymlaryna we bilim işgärlerine Gutlagy okalyp, ol dowamly ýaňlanan şowhunly el çarpyşmalar bilen garşylandy.

Soňra söz nobatyny alanlar bu ýere ýygnananlary Bilimler we talyp ýaşlar güni, şeýle-de 2021-2022-nji täze okuw ýylynyň başlanmagy bilen tüýs ýürekden gutladylar. Çykyş edenleriň aýratyn nygtaýyşlary ýaly, bilimli, hünärli, ruhy we beden taýdan sagdyn nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek halkymyzyň gadymdan gelýän milli ýol-ýörelgeleriniň biridir. Ýurdumyzyň geljegi bolup durýan ýaş nesil hakyndaky alada Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe mazmun taýdan has-da baýlaşyp, Gahryman Arkadagymyzyň döwlet syýasatynda ileri tutulýan ugurlaryň birine öwrüldi. Her bir maşgalanyň, tutuş jemgyýetiň guwanjy bolup durýan ýaş nesilleriň bilimler dünýäsine ynamly gadam basyp, ylymly, bilimli, hünärli adamlar bolup ýetişmekleri üçin ähli şert-mümkinçilikler döredildi. Bagtyýar nesillerimiz bagtyýarlyk döwrüniň häzirki zaman okuw-görkezme esbaplary, kämil kompýuterleri, multimediýa tehnologiýalary bilen üpjün edilen ajaýyp bilim-terbiýe ojaklarynda bilim alýarlar, dürli dilleri we hünärleri öwrenýärler, ylymda täze belentliklere ýetýärler. Şeýle üstünlikleriň gözbaşynda Gahryman Prezidentimiziň milli bilim ulgamynda üstünlikli durmuşa geçirýän giň gerimli özgertmeleri durýar. Munuň üçin baýramçylyk çäresinde mähriban Arkadagymyzyň adyna hoşallyk sözleri aýdyldy. Şeýle çuň mazmunly gutlag çykyşlarynyň dowamy talyp ýaşlaryň aýdym-sazlaryna utgaşdy.

Welaýat hem-de şäher häkimlikleriniň, welaýat Baş bilim müdirliginiň, jemgyýetçilik guramalarynyň tagallalary bilen Balkanabat şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 3-nji hem-de tebigy ugurly derslere ýöriteleşdirilen 21-nji orta mekdeplerde guralan dabaralarda hem gutlag çykyşlaryna uly orun berildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk taryhy senesiniň uludan toýlanýan «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň ajaýyp wakalarynyň biri bolan Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli gutlaglar aýdylan çykyşlarda ýurdumyzyň ylym, bilim ulgamlarynda gazanylýan üstünlikler dogrusynda hem durlup geçildi. Hormatly Prezidentimiziň oýlanyşykly başlangyçlary esasynda ýurdumyzyň bilim ulgamynda yzygiderli amala aşyrylýan özgertmeler, olaryň guwandyryjy netijeleri, sanly bilim ulgamynyň işini has-da kämilleşdirmekde, ýaş nesliň daşary ýurt dillerini öwrenmeklerini çuňlaşdyrmakda we giňeltmekde gazanylan üstünlikler, bular babatda täze okuw ýylynda öňde durýan möhüm wezipeler hakynda edilen söhbetler aýratyn täsirli boldy. Bilim ulgamynda ýetilýän belent sepgitleriň sakasynda durýan Arkadag Prezidentimiziň adyna aýdylan alkyşly sözler dabaralarda joşgunly ýaňlandy. Mekdep okuwçylarynyň ýerine ýetiren aýdym-sazlarynda bagtyýar çagalygyň, bilim-terbiýe ojagy bolan ak mekdepleriň, eziz Arkadagymyzyň beýik tutumlarynyň, şanly Garaşsyzlygymyzyň waspy ýetirildi.

Şunuň ýaly çuň mazmunly, täsirli çykyşlardan soňra, täze okuw ýylynyň başlanýandygyny buşlaýan ilkinji jaňyň owazy töweregi gurşap aldy. Arkadagly nesiller şatlyk-şowhun bilen gujagyny giňden açan ak mekdepleriň ýagty otaglaryna doldular. Okamak üçin ähli şert-mümkinçilikler döredilen okuw otaglarynda ýubileý ýylynda ilkinji gezek ak mekdepleriň altyn işiginden ätleýän birinji synp okuwçylaryna Arkadag Prezidentimiziň Şa serpaýy bolan kompýuterler ýaşuly nesliň wekilleri tarapyndan şowhunly el çarpyşmalar astynda gowşuryldy. Arkadag Prezidentimiziň gymmatbahaly sowgatlary bagtyýar çagalaryň şatlygyny öňküden hem belende göterdi.

Ýokary ruhubelentlikde başlanan 2021-2022-nji okuw ýylynyň ilkinji okuw sapagy «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýen şygar astynda geçdi.

Täze okuw ýylynyň çuň mazmunly dabaralary welaýatymyzyň ähli bilim ojaklarynda hem ýokary guramaçylyga eýe boldy.

Nurmämmet HYDYROW,
«Balkan».
Surata düşüren Olga LEBEDEWA.

ARZYLY KÄRI BILEN HORMATA EÝE BOLAN

Biziň söhbedini etmekçi bolýan mugallymymyz indi ýarym asyrdan gowrak wagt bäri Bereket etrabynyň Däneata obasyndaky Dänemyrat Mämmedow adyndaky 6-njy orta mekdepde ýaş nesillere bilim we terbiýe beryär. Bu az möhlet däl. Onda-da bilim ulgamynda köp ýyllap işläp, at-abraý almak, halkyň hormatyna mynasyp bolmak ýeňil-ýelpaý iş däl. Onuň üçin seniň ukybyň, tutanýerliligiň, iň esasy hem kalbyňda käriňe bolan egsilmez söýgiň gerek.

Zähmetde we durmuşda özüniň oňat gylyk-häsiýetleri, ukyp-başarnygy bilen köpçülige görelde bolýan adamlara sarpa we hormat goýulýar. Şeýle adamlaryň işleýän ýerlerine baranyňda, olar barasynda öwgüli gürrüňleri eşidýärsiň. Bu bolsa her bir adamda ýakymly täsirleri galdyrýar.

Täzegül Ýylanlyýewa 1970-nji ýylda Bereket etrabynyň Däneata obasyndaky 6-njy orta mekdepde, şol döwürde atlandyrylyşy ýaly, uly pionerwožatyý bolup zähmet ýoluna gadam basdy. Şol ýyllarda Täzegül obada bilim ulgamynda işleýän ilkinji zenandy. Ilkibada bu iş heniz tejribesi bolmadyk Täzegüle ýeňil düşmeýär. Ýöne oba gyzy dogumlydy, işbaşarjaňdy, tutanýerlidi. Ökdelerden, bilim ulgamynda baý tejribesi bolan adamlardan öwrenmegi özüne kiçilik bilmezdi. Ýadamak, ýaltanmak onuň üçin ýat pişedi. Şeýlelikde, ol kärine bolan höwesi, ukyplylygy hem-de hyjuwy, maksada okgunlylygy bilen ýüze çykan kynçylyklaryň ählisini ýeňip geçdi.

Täzegül 1973-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetine gaýybana okuwa girdi. Şondan soňra oňa işleýän mekdebinde türkmen dili we edebiýaty dersi boýunça ýaşlara bilim bermek ynanyldy. Şol bir wagtyň özünde mekdebiň gurnagyna ýolbaşçylyk edip, okuwçy gyzlara öý-hojalyk işlerini, haly-palas dokamaklygy, keçe basmagyň, keşde çekmegiň ince syrlaryny irginsizlik bilen öwredýärdi.

Täzegül mugallym şol ýyllarda mekdepdäki ilkinji partiýa guramasynyň agzasydy. Medeni-köpçülik, sport çärelerine işjeň gatnaşýardy we ol işlere halk köpçüligini çekmegi-de başaryýardy.

Tizara oňa işleýän 6-njy orta mekdebiniň müdiri wezipesi ynanyldy. Ol bu işde hem özüniň başarjaň ýolbaşçydygyny görkezdi.

Täzegül mugallym Kürendagyň etegindäki Gysy jülgesinden mekdep üçin ekin meýdanyny alyp, oňa köpçülik bolup üzüm, nar, erik ýaly miweli baglary ekmäge hem işeňňir gatnaşdy, ol ýeriň bagçylyga öwrülmegine öz mynasyp goşandyny goşdy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe T. Ýylanlyýewa obada, etrap we welaýat merkezlerinde geçirilýän dürli çärelerde işjeň çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan bilim syýasaty dogrusynda täsirli gürrüň beryär.

Täzegül Ýylanlyýewanyň agzybir maşgalasy bar. Onuň ogly Myrat ejesiniň kärini dowam etdirmek bilen, ýaş nesillere bilim-terbiýe beryär. Olary halka, Watana, hormatly Prezidentimize wepalylyk ruhunda terbiýelemekde tagallasyny gaýgyrmaýar. Täzegül mugallymyň beýleki perzentleri dürli kärde zähmet çekip, Watanymyzyň gülläp ösmegine öz goşantlaryny goşýarlar.

— Her ýylyň ýaz we güýz pasyllarynda ýokary synp okuwçylary bilen bilelikde mekdebimiz üçin ýörite bölünip berlen meýdanda miweli, saýaly, bezeg baglaryny ekmegi, olara ideg etmegi ýola goýduk. Ol ýerde ösüp oturan baglaryň sany ýylsaýyn artýar. Mekdebimiziň mugallymlary we ýokary synp okuwçylary bag ekmegiň sogap işdigine düşünýärler we baglara yhlas bilen ideg etmegi gowy görýärler. Häzirki döwrüň ýaşlarynyň halka, Watana, Gahryman Arkadagymyza wepalylyk ruhunda terbiýe alýandygy bizi diýseň begendirýär, guwandyrýar — diýip, baýry mugallym Täzegül Ýylanlyýewa buýsanç bilen gürrüň berdi.

Gapur MÄMMETJANOW,
Balkanabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiň müdiri.

TÜRKMENISTANYŇ GARAŞSYZLYGYNYŇ 30 ÝYLLYGYNA

BAGTYÝARLYGYŇ ROWAÇ MENZILLERI

Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň welaýat komitetiniň we «Balkan» welaýat gazetiniň redaksiýasynyň bilelikdäki sahypasy

BEREKETLI SAÇAGYNDA ALMA, INJIR, NARY BAR, ARKADAGLY ZAMANADA BAGTDAN PAÝLY ILI BAR

Magtymguly etraby

Beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň önüp-ösen ýeri bolan Magtymguly etraby mukaddes Garaşsyzlygymyzy alanymyzdan soň has-da gözel keşbe girdi. Ajaýyp tebigaty bilen sazlaşan bu gözellikler etrabyň durmuşynda öz beýanyny tapdy. Etrabyň oba hojalygynda we beýleki pudaklarynda uly ösüşler gazanyldy. Oba hojalygyna kärendeçilik usullarynyň ornaşdyrylmagy, hususyýetçileriň köpelmegi netijesinde ir-iýmişleriň, gök-bakja önümleriniň öndürilişi artdy.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde etrapda döwrebap senagat, medeni-durmuş maksatly düzümler, orta mekdepler, çagalar baglary, edara binalary açylyp, ulanylmaga berildi. Magtymguly şäherinde ýerleşýän tikin we aýakgap fabrikler toplumy hem şolaryň biridir. Bu ýerde önümçilik mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanylyp, döwrebap tikin hem-de aýakgap önümleri müşderilere ýetirilýär. Etrabyň «Ýeňiş» daýhan birleşiginde, gözel jülgäniň içinde gurlan zawodda agyz suwuny we alkogolsyz içgileri öndürmek üçin dag çeşmesiniň jana tenekar suwy peýdalanylýar. Ol ýylda dürli ölçegli gaplarda 3 million dekalitr agyz suwuny we alkogolsyz içgileri öndürmäge niýetlenendir.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe etrapda gurlan orta mekdepler, çagalar baglary hormatly Prezidentimiziň ýaş nesil baradaky atalyk aladasynyň netijesidir. Magtymguly şäherinde, Ýaňkel, Garakel, Könekesir, Ak obalarynda döwrebap orta mekdepleriň gurulmagy, şeýle-de etrap merkezinde sport mekdebiniň hem-de birnäçe çagalar baglarynyň ulanylmaga berilmegi munuň subutnamalarydyr.

Gözel tebigaty bilen özüne çekýän Magtymguly etraby medeni çäreleriň giňden geçirilýän ýerleriniň biridir. Bilşimiz ýaly, 2014-nji ýylda beýik söz ussady Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy dabaraly bellenilip geçildi. Bir-birine utgaşan ýubileý çäreleriniň çäklerinde etrap merkezinde Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumynyň we muzeýiniň düýbi tutulyp, Gerkez obasynda akyldaryň ýadygärligi açyldy.

2015-nji ýylda dabaraly ýagdaýda açylan Magtymguly Pyragynyň medeni ýadygärlikler toplumy hem-de muzeýi şäheriň gözel binalarynyň hataryny artdyrdy. Muzeýiň Magtymguly Pyragynyň edebi mirasy bölüminde akyldaryň ömri we döredijiligi bilen baglanyşykly eksponatlar görkezilýär. Tebigat, taryh we arheologiýa, etnografiýa, Garaşsyzlyk bölümlerinde ýurdumyzyň tebigatynyň gaýtalanmajak gözelligine syýahat etmek bilen birlikde, taryhy ýadygärliklere, irki döwürlerde ulanylan gurallara, milli egin-eşiklere giň orun berilýär. Muzeýde üç müňe golaý eksponat saklanylýar.

Ýokarda-da belleýşimiz ýaly, Magtymguly etrabynda ýurt we welaýat derejelerinde medeni çäreler yzygiderli geçirilýär. 2019-njy ýylda etrapda geçirilen Medeniýet hepdeligi hem şolaryň biridir. Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni mynasybetli ýokary ruhubelentlikde geçirilen hepdelikde ýerine ýetirilen aýdym-sazlar daş-töweregi gurşap alan belent daglara ýaň berip, çärä aýratyn öwüşgin çaýdy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň döredip beryän şert-mümkinçiliklerinden peýdalanýan etrabyň edermen daýhanlarynyň yhlasy bilen ýerden bol hasyl alynýar. «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda Magtymguly etrabynyň daýhanlarynyň welaýatymyzda ilkinji bolup galla taýýarlamak baradaky şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetirip, uly üstünlige eýe bolmaklary daýhan yhlasynyň ýerine düşendiginiň subutnamasy boldy. Şonuň ýaly-da, etrabyň merdana daýhanlary miweli baglardan ýokary hasyl almagy, bol gök-bakja önümlerini öndürmegi başaryarlar. Sumbar we Çendir jülgeleriniň ugurlaryndaky idegi birkemsiz ýetirilen baglar şu ýyl hem bereketli hasyl eçildi. Şu günler etrabyň S.Nyýazow adyndaky, «Hojagala», «Ýeňiş», «Zähmet» we «Daýna» daýhan birleşikleriniň daýhanlary ýokary hasyl almak üçin gaýratly zähmet çekýärler.

«Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda etrabyň zähmetkeşleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllygyny zähmet ýeňişlerine beslemek ugrunda arman-ýadaman işleýärler hem-de özleri üçin ajaýyp mümkinçilikleri döredip beryän Gahryman Arkadagymyza alkyş aýdýarlar.

Döwürleriň öçmejek mukamy

Türkmenistanyň halk artisti, Magtymguly adyndaky döwlet baýragynyň eýesi Nury Halmämmedowyň ady agzalanda, çar töweregi daglar bilen gurşalan Daýna obasy göz öňüňde janlanýar. Megerem, şol keremli daglar saz älemininiň ägirdine

ylham berendir. Sebäbi daglarda seriňi sämediji gudrat bar, jadyly güýç bar. Dag goýnundaky çeşmeler mylaýymdan pessaý sazlaryň, kert-kert gaýalar dabaraly owazlaryň, gol uzatsaň, gol ýetmeýän, başlary asman direýän arçalar ajaýyp aýdymlaryň döremegine sebäp bolandyr.

1938-nji ýylda Magtymguly etrabynyň Daýna obasynda doglan Nury Halmämmedow türkmen we dünýä saz sungatynda gaýtalanmajak sazlary döretdi. Ýurdumyzda aramyzdan giden medeniýet, sungat ussatlary, halypalar hatyralanyp durulýar. Beýik kompozitor babatda hem şeýledir. Saz älemininiň ägirdiniň atasy Baýly aganyň eken, obada «Baýlynyň armydy» adyny alan armyt agaçlarynyň ýanynda N.Halmämmedowyň heýkeli oturdyldy. Ol 2008-nji ýylda dabaraly ýagdaýda açyldy. Beýik kompozitoryň heýkeldäki keşbini Türkmenistanyň halk suratkeşi Saragt Babaýew ussatlyk bilen ýerine ýetirdi. Beýik dag daşlarynyň üstünde oturdylan heýkel kompozitoryň beýikligini alamatlandyrmak bilen, daş-töwerege hakyky zehinden çykan mylaýym sazlary paýlaýan ýaly görnüşi emele getirýär.

Bilşimiz ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallasy bilen 2018-nji ýylda kompozitoryň 80 ýyllyk ýubileýi bellenip geçildi. Şol ýylyň iýun aýynda Aşgabatda «Nury Halmämmedowyň sazy — döwürleriň öçmejek mukamy» atly festiwal dabaraly ýagdaýda geçirildi. Kompozitoryň dogduk mekany Daýna obasynda hem ýubileý mynasybetli aýdym-sazly dabaraly çäre geçirildi. Şol gün halypany onuň obadaşlary, bile işleşen ýoldaşlary, kärdeşleri ýene bir gezek ýagşylykda ýatladylar.

Ýene-de mukam ýaňlanýar. Daglardan aşyp, alyslara ýaýraýan bu mukam toýnuk gurap barýan durnalaram özüne bendi edýär. Heýkeliň ýanynda oturdylan durnanyň keşbi hem muňa güwä geçýän ýaly...

DAG GOÝNUNDAKY GÖZELLIK

Magtymguly etrabynyň çäklerine gireniňde, Sumbar jülgesiniň ajaýyp keşbi janlanýar. Ilki bilen, gara ýoluň ugrundaky



«Aý daglary» garşy alýar. Etrap merkezine golaýlanyňda, çep tarapda şypaly çeşmesi bilen meşhur bolan Parhaý deresi ünsüňi özüňe çekýär.

Günorta-Günbatar Köpetdag Merkezi Aziýa we Ortaýer deňiz sebitleriniň çäkleşýän ýerindäki özboluşly biogeografik sebitdir. Bu sebit gurak subtropikleriň demirgazygynda ýerleşip, özboluşly ösümlik we haýwanat dünýäsi bilen tapawutlanýar. 1978-nji ýylda onuň tebigy ekoulgamlaryny öwrenmek, dikeltmek we gorap saklamak maksady bilen, Sünt-Hasardag döwlet tebigy goraghanasy döredilýär. Goraghana Sumbar we Çendir deryalarynyň jülgelerini ýakalap oturan, aýry-aýrylykda ýerleşýän Merkezi, Aýdere we Çendir bölümlerinden ybaratdyr.

Günorta-Günbatar Köpetdagyň ösümlik dünýäsi görnüşleriniň baýlygy, endemikleriň köplügi bilen tapawutlanýar. Bu ýerde 1300-den gowrak görnüş ýüze çykaryldy we şolardan 115 görnüş Köpetdagyň endemikleridir, ýagny olar başga hiç ýerde gabat gelmeýärler. Dünýäde diňe şu ýerde ösýän türkmen selmelegi goraghananyň guwanjydyr.

Sebitiň baý haýwanat dünýäsi hem bardyr. Bu ýerde mör-möjekleriň 2400 töweregi görnüşi duşýar. Sumbar, Çendir deryalarynda we sebitiň köp sanly dag çeşmelerinde balyklaryň 6 görnüşi gabat gelýär. Ýerde-suwda ýaşaýanlaryň 2 görnüşi bar. Süýrenijilerden suwulgan, haždyk, ýylançyr, zemzen, pygamber gamçysy, okýylan, kepjebaş, alahöwren, göklors, gömülgen ýaly dürli görnüşleriň 37-si gabat gelýär.

Bu ýerde guşlaryň 160-dan gowrak görnüşi duşýar. Şolardan turaç, gara leglek, ütelgi, ýylançy gyrgy, bürgüt, sähra, sakgally we gyrgypisint garaguşlar, maslykçy, sähra göwenegi, ýyrtyjylardan dag pişigi (manul), alajagaplaň we goňur aýy, şeýle-de gunduz, itaýy, aýrak, jeren we gulan Türkmenistanyň Gyzyl kitabyna girizilendir.

Goraghananyň merkezi mülkündäki kapasalarda towuk şekilli seýrek guşlar bolan turajy we pars sülgünini köpeltmek işi alnyp barylýar. Bu guşlar diňe Etrek, Sumbar we Çendir deryalarynyň jülgelerinde gabat

gelýärler.

Tebigy toplumlary öwrenmek, dikeltmek we gorap saklamak boýunça dürli çäreler geçirilýär. Goraghana sebitiň tebigatyny öwrenmekde ylmy merkez bolup durýar. Ylmy bölümde howany, suwlary, topragy, ösümlik we haýwanat dünýäsini öwrenmek boýunça gözegçilik işleri geçirilýär.

BALDAN DATLY MIWELER

Hormatly Prezidentimiziň pähim-paýhasly ýolbaşçylygynda ata Watanymyz bagy-bossanlyga beslenýär. Bag ekmek sogap iş hasaplanylýar. Her ýyl bag ekmek möwsümlerinde dürli baglaryň müňlerçe düýbi oturdylýar. Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkezimiz hem miweli baglaryň genofonduny gorap saklamak, subtropik ösümlikleriň gorlaryny we görnüşlerini ýygnamak, baýlaşdyrmak, olary ylmy taýdan öwrenmek we önümçilige ornaşdyrmak babatda uly işleri alyp barýar. Merkezde diňe bir ýerli bag gorlary däl, eýsem, dünýäniň ençeme ýurtlaryndan getirilen ösümlikler ylmy-synag işleriniň netijesinde öwrenilýär. Bu ýerde baglaryň ýaş nahallaryny toprak-howa şertlerine laýyklykda ösdürip ýetişdirmek boýunça toplumlaýyn çäreler geçirilýär. Subtropik guşaklykda

ýetişdirilen ir-iýmişler tagamlylygy, ýaramlylygy, witaminlere baýlygy bilen tapawutlanýar. Saýlanyp-seçilip alnan, oňat hojalyk alamatlary bilen tapawutlanýan sort görnüşlerinden şänikli baglar, çigitli bag ösümlikleri, subtropik bag ösümlikleri ýurdumyzyň çäklerindäki hojalyklara ýaýradylýar.

Merkeziň umumy tutýan meýdany 734 gektardan ybaratdyr. Onuň merkezi bölümçesinde nar, alma, beýi, armyt, erik kolleksiýalary bolup, ýörite nahalhana ýerleşýär. Igdejik bölümçesinde üzüm bag gorlarynyň 419 sany sort görnüşi saklanýar. Şyhymdere bölümçesinde bolsa hurmanyň 91,

injiriň 92, zeýtunyň 101, pissäniň 43, endap agajynyň 59 sort görnüşi, şonuň ýaly-da naryň ýumşak dänelisiniň 15, badamyň 37 sort görnüşi bar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ylmy-önümçilik synag merkezimizde miweli baglaryň nahallaryny köpeltmek üçin ähli şertler döredilendir. Geljekde hem merkezimiziň işgärleri ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek işlerine öz goşantlaryny goşmak üçin yhlasly zähmet çekerler.

Ogulgurban ABYLOWA,
S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň Magtymguly ylmy-önümçilik synag merkeziniň miweli baglaryň we üzümiň nesil gorlary bölüminiň ylmy işgäri.

«Sumbaryň» hoş owazly nagmalary

Halkymyzyň örän baý medeniýeti, däp-dessurlary, halk döredijiligi bar. Läle, hymmyl, öleň, monjugatdy aýtmak, küşt depip, gazal çekmek türkmeniň toý-baýramlarynyň bezegi hasaplanylýar. Ýurdumyzyň folklor toparlarynyň halk döredijiliginiň

görnüşleri boýunça ýerine ýetirýän çykyşlary nesilleriň arabaglanyşygyny üpjün edýär.

«Sumbar» halk folklor toparymyz hem diňe bir ýurdumyzda däl, dünýäde giňden tanalýar. 1978-nji ýylda döredilen toparyň şöhratly taryhy bar. Topar döredilenden soň, etrabyň ähli obalaryna aýlanylyp, halk döredijiliginiň şahyrana görnüşleri toplanylýar. 1980-nji ýylda toparyň durmuşynda ýatdan çykmajak waka bolýar. Ol Polşa döwletiniň Zakopane şäherinde geçirilen daglyk ýurtlaryň XI Bütindünýä folklor festiwalyna gatnaşýar. Dutaryň, tüýdügiň, gopuzyň owazy astynda milli egin-eşikleri bilen sahna çykan toparyň agzalarynyň çykyşlaryna haýran galmak bilen tomaşa edilendigini halypalar ýatlaýarlar. Topar halkymyzyň milli toý däp-dessurlaryny ussatlyk bilen görkezýär. Oguldursun Annaberdiýewa bilen Nursoltan Baýramberdiýewanyň ýerine ýetiren hymmyly, Geldi Meläýewiň küştdepdisi tomaşaçylar tarapyndan şowhun bilen garşylanýar. Topar Baş baýrak — «Altyn paltajyk» baýragy bilen ata Watana dolanyp gelýär. Şondan soň toparyň şöhratly ýoly başlanýar. Ol daşary döwletleriň ençemesinde çykyş edip, ýurdumyzyň abraýyny dünýä ýaýýar.

Hajat Myradowa, Ogulgözel Annamyradowa toparyň ilkinji agzalarydyr. Halypalar kyrk ýyl bäri toparda çykyş edip gelýärler. Olar ýaşlara halypalyk edýärler, sungatyň ince syrlaryny öwredip durýarlar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hem toparymyzyň agzalary öz gyzykly çykyşlary bilen halkymyzyň söýgüsini gazanýarlar. Ýurdumyzda geçirilýän toý-baýramlarda, çärelerde «Sumbar» toparymyzy görmek bolýar. Munuň özi toparyň ussatlygyndan habar beryär.

Ogulsapar WELIÝEWA,
Magtymguly etrap medeniýet bölüminiň «Sumbar» halk folklor toparynyň baş režissýory.

Sahypany taýýarlan Muhammetmyrat ÖWEZOW.

Janyňa melhem, derdiňe derman

Men gysga bolmadyk ömrümiň dowamynda ýakymly içgileriň onlarçasyndan haýyrlanyp gördüm. Emma olaryň hiç birini düýe janawaryň süýdüdir çalynyň derejesinde görüp bilmedim. Düýe çaly diýleni bilen, hemme düýe çaly deň bolmaýar. Gum otlaryndan dokunýan düýeleriň çalyna garanyňda duzy ýetmedik tagama çalymdaşdyr, sygryň gatygy şekilli ýuwandyr, myltykdyr. Türkmenbaşy etrap merkezinden 150 kilometr çemesi gaýrada ýerleşýän Çagyl, Gyzylgaýa, Tüwer, Gökdere, Goýmat, Garaýman obalarynyň gaňşyrawugyňy kükedýän çallaryny içeniňde welin, janyňa jan, güýjüňe güýç goşulan şekilli özüňi şadyýan, bagtyýar duýýarsyň. Bu obalaryň çaly näme üçin ala-böle üýtgeşik bolýarka?! Sebäbi ol mekanlaryň öri meýdanlarynda titir diýilýän, ýowşan ululygynda köpýyllyk ot ösýär. Bu arzyly ota diňe ýokarda ady tutulan obalaryň dumly-duşundaky gyrlarda sataşmak bolýar. Ol ýurdumyzyň gaýry ýerlerinde ýok diýen ýalydyr. Käbir ýerlerde ýek-tük ösýänem bolsa, juda azdyr, keltedir, göýdükdir. Men muny özümden toslap aýdamok, biologiýa ylmyndan okan kitaplaryma, žurnallaryma, görüp-eşiden zatlaryma salgylanyp aýdýaryn.

Titirden kemsiz dokunan düýe gyşyna sowugy, gaý-gary bilmezdi, başyny dik tutup, otlar ýörerdi. Bu obalaryň çarwalary köplenç iým aladasyny edip ýörmän, baggoýunlaryny ýuwlup, üstüne bir penje kepek sepilen titir bilen semrederdiler. Düýäniň boýun hamyndan ýasalan torsugy, geçiniň derisinden eýlenip bejerilen ýanlygy çopanlar ýanlarynda götererdiler. Goş erkekleriň üstünde olarda çaýkana-çaýkana içi ýag düwmejikli, içdigiňçe içesiňi getirýän ajaýyp çal emele gelerdi.

Düýe çalynyň gymmatynyň titire bagly bolşy kimin, içi, daşy syrçaly küýzä ideg edilişine-de dahyllydyr. Öý bikeleri küýzäni her gün irden ýuwup, diwaryna ýelmeşen zatlary aýryp durardylar. Ýogsam ol çalyň gadyryny gaçyrardy. Gara öýlerde küýzäniň oturdylan

çukurjygyna ojagyň ýyly külüni guýup, üstüni-de keçe bilen basyrardylar. Tomsuna bolsa oňa yssy geçmez ýaly gündiz basyryp, sergin şemal barar ýaly gijesine ýalaňaçlardylar. Gyşyna sowap, tomsuna gyzan küýzäniň suwytly çaly bolmazdy. Küýzä süýt guýlanda, çaý içer salym dowamynda çemçe batmaz agaran peýda bolardy. Agarana çomuç toşabyny gatsaň, «meleje» diýilýän çaý hurşy emele gelerdi.

Agarany gaýnadyp, ondan gurt, süzme alardylar. Munuň üçin ony ýörite haltalarda telim günläp süzerdiler. Süzmä çomuç toşabyny garsaň, diňe çaý hurşy däl, wagty bilen ajykdyrmaýan tagam hem bolardy. Küýzäniň agarany alnandan soňra, onuň aşagynda gögümtil reňkli, gor diýilýän dury çal emele gelerdi. Beýleki çallardan tapawutlylykda, goruň düzüminde ýag bolmazdy. Aýdýanlarymyň has ynandyryjy bolmagy üçin şu ýerde özümden mysal alaýyn. Ozal-a beýik Alladyr, galyberse-de, gor (agaran, süýt hem) meniň iýmit siňdiriş, gan aýlanyş, dem alyş agzalarymda dörän näsazlyklaryň gaýra tesmegine sebäp bolupdy. Düýäniň müň derdiň dermany bolan çal-süýdünden diňe bir men däl, bütin obadaşlarymyzam haýyr tapandyrlar.

Gor içi ýöremeýänleriň bire-bir emidir. Ony üç günläp ertir irden ajöze içseler, içegeleri tüýdük ýaly boşap galardy. Saçlaryny düýe çalynyň gory bilen ýuwýan aýal doganlarymyzyň saçlary ne goňaklardy, ne-de düşerdi. Ene-mamalarymyz gyzgyny düşmeýän bäbegi gora düşürip, dolap goýanlarynda, onuň gyzgyny haý diýmän gaçardy.

Düýe çaly barada söhbet edip, onuň özeni, köki bolan süýdüň tarypyny ýetirmesek, adalatsyzlyk bolardy. Diňe düýe süýdi däl, tutuş janly-jandarlaryň süýtleri mukaddeslikden nyşandyr. Biz näme üçin käbelerimizi ömrümiziň binýady, başymyzyň täji hökmünde hormatlaýarys?! Onuň jogabyny bir söz bilen aýdyp gutaryp bolmaz, aşa kändir. Esasysy bizi adam sanyna goşan ene süýdüdir. Ene bolmasa, ene süýdi bolmasa, ýaşaýyş bolarmydy?!

Düýe janawaryň botlaýan wagty — ene topragyň begres donuna bürenip, hoştap ysly güllerniň al-ýaşyl bolup açylýan çagy. Köşekli düýeleriň bozlaşýan sesleri, guşlaryň şadyýan nagmalary göwnüňi göterip, kalbyňy heýjana getirerdi. Şol ajaýyp günleri ýatlanymda, şu aşakdaky setirler öz-özünden aňymda peýda boldy:

Ýaňy botlan düýäň süýdünden ganyp,
Meýmiräp irkilsem gyr gujagynda.
Çaýym hem naharym ter meýdan oty,
Bes maňa şol ýeter çöl saçagynda...

Düýe botlanynyň deslapky günlerinde özboluşly lezzetli owuzdyr bulamasy bişirilse-de, onuň süýdi bişirilmän, ýylylygy bilen içilerdi. Çarwalaryň arasynda şeýle aýtgy hem bar: «Ýedi günläp owuzdan, bulamadan doýanyň uçman ýörenine haýran».

Bahar günleri ertir-agşam düýe süýdüniň bir käsesini içip ýören adam hergiz nähoşlamazdy, tut ýaly sagdyn bolardy. Biziň obamyzyň ilatynyň ürç edip içýän çaýy gara çaýdy. Süýtsüz demlenen çaýy çarwalar halamazdy. Ol döwürde näme, hemme maşgalanyň gapysynda sagymlyk düýesi barmydy?! Ýöne syrgynda bir kişiniň ýatagynda sagymlyk düýe bolsa, şonuň süýdi barçalara çaý süýdi bolardy. Arkalaşyk ýaly gowy zat ýok. Çarwalar — durmuşyň ähli ýagdaýynda-da şeýle, elinden gelen kömegini berjekler. Bu çarwalaryň kalbyna guýlan, nesilme-nesil dowam edip gelýän ýörelgedir.

Hawa, düýäniň süýdi, çaly ýeke bir oňşuk çeşmesi bolman, adam synasynyň sagatlygynyň goragçysydyr.

Hojagylyç NAZAROW,
Türkmenistanyň
Hormatly il ýaşulusy.

Körpelere okap beriň!

Alabaý

Ol günem daýym,
Barýarka geçip.
Getirdi maňa,
Täze bir güjük.

Dostlarym derrew,
Üýşüp başlady.
Güjüge golaý,
Süýşüp başlady.

Güjük ýaňyja,
Bolan ekeni.
Gözlerin ýumup,
Gelen ekeni.

Diýdim: «Dursanaň,
Çekelemäň siz!
Aýajyklaryn,
Depelemäň siz!»

Ynha-da, ýatyr,
Alaja güjük.
Bir at dakmasaň,
Bolarka niçik?!

Derrewjik oňa,
Bir at tapmaly.
Özüne laýyk,
Bir at dakmaly.

«Akbaý dakalyň!»,
Diýende Nury.
Garşy boldular,
Gelenleň bary.

«Akguş bolaýsyn»,
Diýende Çary.
Oglanlar ýene,
Bolmady razy.

Soňra Akmyrat,
Diýdi: «Men tapdym!
Güjügiň ady,
Bolaýsyn Gaplaň!»

Dostlar ýene-de,
Goldamadylar.
Garşy çykdylar,
Oňlamadylar.

«Alabaý diýsek,
Niçik bolardy?!
Adyna laýyk,
Güjük bolardy».

Diýdimem welin,
Edil şobada.
Garaşyp ýatan,
Ýaly şol ada.

Makullaýan dek,
Sözlerimi-de.
Açaýdy birden,
Gözlerini-de.

Şeýdibem, gözläp,
Tapdyk adyny.
«Alabaý» diýip,
Dakdyk adyny.

Mamajanyň goşgusy

«Mamajan!» diýip,
Tutulsa adym.
Güýjüm köpelip,
Artýar kuwwatym.

Ýogsa «Akbäbek»,
Diýen adym bar.
Enem-atama,
Göwün şadym bar.

«Ýitmesin» diýip,
Mamamyň ady.
Dakan ekenler,
Maňa bu ady.

Gaýmalar gaýap,
Keşdeler çeken.
Mamamyň eli,
Hünärli eken.

«Dowamat bolsun
Hünäri» diýip.
«Ýitirmesin hiç
Bu käri» diýip.

Hatyrasyny,
Saklap-sarpalap.
Dakan ekenler,
Maňa şeýle at.

Owaldan gelýän,
Dessura görä.
Göterip ýörün
Bu ady men-ä.

«Mamajan!» diýip,
Tutulsa adym.
Tijenip işe,
Artýar yhlasym.

Heý, mamasynyň,
Ýöretse yzyn.
Armany bormy,
Agtyjak gyzyň?!

Ýolyşyk

Sonaň gyzyl şary bar,
Sarysy bar Meňlide.
Ýaşyl reňkli şary bar,
Maýaň bolsa elinde.

Al-asmana uçuryp,
Şol şarlaryň üçüsin.
Gyzlar ondan ýasady,
Täsin bir «ýolyşygyn».

Rejepguly
AMANGELDIÝEW,
Esenguly etrabyndaky 10-njy
orta mekdebiň mugallymy.

Durmuş düwünçeginden

Okamaýan işiksöýäni görer, okaýan — üýtgeşik dünýäni.

* * *

Gaýygy içinde galýan suw batyrýar, ynsany — ýürekde galýan kitüw.

* * *

Durmuşda iň kän zada eýe bolmaga däl-de, iň päk ada eýe bolmaga ymtyl.

* * *

Abraý dony buýurma boýunça biçilip tikilmeýär.

* * *

Durmuşyň garaňkyran gününde göwni ýagty adamlar asmany ýagtyldyp duran Aý ýaly aýdyň görünýär.

* * *

Käbiri göwnaçyk bolany üçin ýylgyrýar, başga biri — seniň ýylgyranyň üçin, ýene biri — seni ýylgyrtmak üçin. Tapawudyna düşün!

* * *

Başga birine içiňi dökmezden ozal, içiňi geplet, ol näme diýýär?

* * *

Haýsydyr bir bitirilmedik haýyşyňy däl-de, bitirilen haýyşlaryňy ýatlama düwünçegiňe düw.

* * *

Uly märekede ile gezek bermän hetdenaşa köp gepleme, ülpüldeşip oturan gök maýsalaryň ygşyldysy ýaly kalplarda şatlyk döredýän gepi geple.

* * *

Ýagşylygy bilmeýän bigadyra edilen kömek bedreläp deňze guýlan suw ýaly ýitip gider.

Temekgylyç HOŞANOW.

Hünärleriň, kesp-kärleriň gadymy atlary

Kepban — bazarlarda terezilere gözegçi.
Çekene çopan — iliň malyny bakýan.
Ýylkyban — at çopany.
Ýonaçy — atyň eýer-esbabynyň ussasy.
Taraçy — mata dokaýan.
Taraşman — pagsa jaýlaryň ussasy.
Sarwan — düýe çopany.
Segban — it bakýan.
Sertaraş — saç bejerýän.
Rawy — erteki gürrüň beryän.
Padyman — sygyr çopany.
Hatdat — haty owadan edip ýazýan.
Harrat — agaç ussasy.
Nilgär — boýag ýasaýan.
Mirap — uly ýaplarda suw paýlaýan.
Kätip — haty göçürýän.
Koýmat — goýun çopany.
Äheňňer — demirçi ussa.
Attar — dürli ot-çöplerden dürli däri-dermanlary we ysly atyrlary ýasaýan.

KROSSWORD



Jogaplar: (26.08.2021 ý.)

Keseligine:

1. Köpbilmiş. 5. Gurbaga. 6. Olduryk. 8. Romb. 9. Otur. 10. Ebjet. 13. Toýun. 16. Lüti. 17. Müň. 18. Oraz. 19. Öçük. 20. Öýjük. 22. Çolpy. 24. Kant. 26. Aziýa. 27. Öýkelek. 28. Goňşyňa. 29. Arada. 31. Pany. 34. «Nesil». 35. Keman. 36. Sara. 38. Jepa. 40. Öri. 41. Ädik. 47. Meýne. 48. Oklaw. 49. Dynç. 50. Abaý. 51. Terbiýe. 52. Mandala. 53. Tutlygala.

Dikligine:

1. Karta. 2. Pamyk. 3. Metgi. 4. Şorta. 5. Gysgaňç. 7. Kapitan. 10. Ellik. 11. Jet. 12. Öňürti. 14. Ýer. 15. Näzik. 19. Öýýüp. 20. Öýken. 21. Kanal. 22. Çanak. 23. Ysgyn. 25. Taňka. 30. Aşyrow. 32. «Aşgabat». 33. Ykjam. 36. Sakaw. 37. Russiýa. 39. Paý. 42. Del. 43. Medet. 44. Ganat. 45. Kybla. 46. Goýma.

KESELIGINE:

1. Ätiýaçdan tygşytlanyp goýlan pul, serişde. 3. Aşagynda ot ýakylyp, çaý suwy gaýnatmak üçin ulanylýan uly gap, güp. 5. Bir işi ýerine ýetirmek üçin edilýän hereketiň güýji, depgin. 7. Ak reňkli nah mata. 9. Adamyň egni, gerdeni, iki omzunyň üsti. 10. Garyndaşlyk gatnaşygyny aňladýan söz. 11. Dyngy belgisi. 12. Az, bol däl, seýrek gabat gelýän. 13. Tarada dokalan gyrasaryly nah mata. 15. Şahyrana çeper eser, goşgy. 17. Biriniň ýa-da bir zadyň suraty. 19. Uly byçgy. 21. Wagyrdy, galmagal, zenzele. 23. San. 24. Bir zadyň özeni, düýbi, esasy. 25. Sahnada oýnalýan tans sungaty. 27. Daşyna sapak saralan tigir. 30. «Erenlerdir, ... bolup sürünmez, ol beladyr, gelse göze görünmez» (Magtymguly). 32. Dost däl, tersleşen, öýke-kineli (göçme manyda). 33. Suwdan geçmek üçin bir-birine berkidilip ýasalan birnäçe agaç. 34. Alty aýdan bir ýaş aralygyndaky uly köşek. 36. Ýüpek gurçugynyň nobatdaky ukusy. 38. Bir zatdan sypmak, gutulmak üçin edilýän hileli hereket, pirim, al. 39. Yzgar, çyg, öl. 40. «... gadyryn ýortan biler, ýaý gadyryn — dartan» (nakyl). 41. Miwe.

DIKLIGINE:

1. Asman gözýetimindäki howa giňişligi. 2. Gala, berkitme (köne söz). 3. Suw jandary. 4. Oňaýly netije, haýyr, nep. 5. Dürli agaçlar, ösümlikler ekilen ýer. 6. «Ilki görüş, soňra ... » (nakyl). 7. Mata ýa-da başga bir zada reňk beryän jisim. 8. Ýerasty suwlaryň gereginden köp bolmagy sebäpli ýokary çykýan yzgar, şor. 12. Eýeriň öň tarapynda somalyp duran tommak tutar. 13. Ýerden, suwdan peýdalanmagyň gadymy görnüşi. 14. Gum depesi, beýiklik. 16. Küştüň esasy maly. 18. Ekinleriň arasyndaky joýa. 20. Kysmat, ýazgyt, täleý. 21. Haly, palas ýaly önümleriň ýüzüne salynýan esasy nagyş. 22. Bir wagtyň özünde bir eneden dogan iki çaga. 23. Ýaman, erbet. 26. Belli bir mukdardaky zatlaryň daňysy. 28. Zadyň görnüşini, şekilini beryän ýörite enjam. 29. Yzgar geçirmeýän galyň, syk dokalan mata. 31. Köp mukdarda, tutuş, durşuna. 32. Kyn, agyr, çylşyrymly. 33. Yrgyldylaryň täsiri sebäpli döreýän owaz. 35. Ýewropada paýtagt şäher. 36. Ite berilýän iýmit. 37. Gyzgylt-goňur reňk.

Hemra TÄÇGYLYJOW,
Balkanabat şäherindäki 17-nji orta
mekdebiň mugallymy.

Sagdyn bolaýyn diýseňiz...

1. Jemgyýetçilik ýerlerinde agyz-burun örtüklerini dakynmaly we howpsuz aralygy saklamaly.

2. Bedeniň kesele garşy göreşijilik ukybynyň ýokary bolmagyny gazanmak üçin witaminlere baý önümler bilen iýmitlenmeli.

3. Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.

4. Dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary içmeli.

5. Güýz paslynda howanyň derejesiniň üýtgeýändigini nazara alyp, paslyň aýratynlyklaryna laýyklykda geýinmegi maslahat beryäris .

JEMGYÝETÇILIK KABUL EDIŞLIGI

2021-nji ýylyň 9-njy, 23-nji sentýabrynda Balkan welaýat adalat bölüminiň, Balkan welaýat prokuraturasynyň, Balkan welaýat kazyýetiniň işgärleriniň we Balkan welaýat adwokatlar kollegiýasynyň agzasynyň gatnaşmagynda hukuk meseleleri boýunça raýatlaryň jemgyýetçilik kabul edişligi geçirilýär.

Kabul edişlik Balkanabat şäheriniň 144-nji ýaşaýyş jaý toplumynyň 13-nji jaýynda — Balkan welaýat adalat bölüminiň binasynda sagat 10:00-dan 12:00-a çenli geçirilýär.

Habarlaşmak üçin telefonlary: 6-05-13, 6-05-14.

Balkanabat şäheriniň ýaşaýjysy Döwletmämmet Täçmämmedowiç Magtymowyň TM 1495946 belgili sürüjilik şahadatnamasynyň ýitirilendigi mälim edilýär.

Balkanabat şäherindäki 12-nji orta mekdep tarapyndan 1999-njy ýylda Ýuriý Aleksandrowiç Muhrýakowyň adyna berlen A 0243586 belgili orta bilim hakyndaky şahadatnamany ýitirilendigi sebäpli güýçsüz hasap etmeli.

BALKAN
ESASLANDYRYJYSY – BALKAN WELAÝATYNYŇ HÄKIMLIGI

Baş redaktor
Geldimyrat HOJAMYRADOW

Redaksiýanyň salgysy:
745100, Balkanabat şäheri, 145-nji ýaşaýyş jaý toplumy, 1-nji jaý
Telefonlarymyz:
Kabulhana 6-37-06; jogapkär kätip 6-07-96;
bölümler 6-07-91; 6-07-92; 6-07-93; 6-07-95.
Gazet hepdäniň sişenbe, penşenbe we şenbe günleri çykýar.

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.

Gazet 1931-nji ýyldan bäri çykýar.
Indeksi 69544
Ölçegi A-2, möçberi 2 ç.k.
Sany 17940 B-107545
E-mail: balkan-gazeti@online.tm
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Turkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.
Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi.
Çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap beryär. Tel.: 80012 39-95-36.
Bahasy 30 teňňe.